# «On emir» boýunça täsin çaklama

Category: Filosofiýa,Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Psihologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025
"On emir" boýunça täsin çaklama «ON EMIR» BOÝUNÇA TÄSIN ÇAKLAMA

*«Tura nazar düşüp, daglar ýananda…»*
*«Kuhy-Tur üstüde raz aýtgan oşol Musa kany?..»*
*Magtymguly PYRAGY.*

Ysraýylyň Hebrýu uniwersitetiniň psihologiýa bölüminiň başlygy Benni Şanon «Töwratdaky» Müsürden çykyp gaýdyşy gürrüň berýän «Eksodus» bilen «On emiriň» galýusinasiýa arkaly ýazylandygyny orta atdy.
Ol Musa pygamberiň (a.s) Sinaý dagynda ösýän akasiýa we sedofotlary iýendigi sebäpli, galýusinasiýa alamatlaryny başdan geçirendigini öňe sürdi. Şanonyň bu baradaky makalasy «Time and Mind» atly filosofiýa žurnalynda çap bolanynda, diňe dindar ýewreýleriň däl, eýsem beýleki dinleriň wekilleriniňem nägileligine sebäp boldy.
Uzak wagtlap ösümlikleriň adama edýän psihoaktiw täsirleri boýunça barlag işlerini geçiren professor Şanon Eksodusdaky «Sesler eşdildi» bölüminiň müňlerçe gezek dürli-dürli görnüşde şerh edilýändigini ýaňzydýar. Ol bu bölümde ýazylanlaryň manysy bilen baglanyşykly alamatlary şamanlaryň welilik satmak üçin içýän “aýahuaska” garyndysyny icen badyna duýup başlandygyny aýdýar. Alym Amazonka tokaýlaryň jümmüşinde ýerli halkyň hödürlän “aýahuaska” içgisini içende, az salymyň içinde käbir sesleri eşidip, dini yşaratlary aňladýan galýusinasiýalary görnüp ugrapdyr. Şondan soň ol garyndynyň düzümindäki ösümlikleri öwrenipdir. Aýahuaskanyň düzüminde akasiýa hem bar eken. Şanon öz başyndan geçen tejribä esaslanyp Eksodusa ýüzlenýär we kitapdaky şu jümleleri ýatladýar: «Çalylar ot aldy, ýöne ýok bolmady. Gök gübürdedi,

ýagtylyk ýaýyldy, mukaddes surnaýyň sesi «On emir» inderilende eşdildi. Musanyň bedeni Hudaýa sataşanda parlap başlady. Musanyň dogany Harunyň taýagy towlanyp duran ýylana öwrüldi…» Şanon Eksodusyň bu bölüminde beýan edilenlere meňzeş zatlary “aýahuaska” içenden soň özüniňem görendigini öňe sürýär.
«Aýahuaska synagyny» Sinaý dagynyň gerişlerinde ýerleşen akasiýa we sedefot ösümliginden iýibem gaýtalan professor Şanon, ýene-de şolar ýaly dini we ruhany alamatlary aňladýan galýusinasiýalary görendigini aýdýar. Şanon «Elbetde, Töwraty ýazmak üçin bu otlar ýeterlik däl, çünki munuň üçin Musa bolmak gerek» diýýär.
Töwrat Sinaý dagyny Musa pygamberiň öňbaşçylygyndaky Ysraýyl ogullarynyň (ýewreýleriň) Müsürden gelýärkäler säginen, Hezreti Musanyň Hudaý bilen gürleşip, «On emiri» alan ýeri hökmünde ýatlap geçýär. Waka Töwratda şeýle beýan edilýär:

*«Çykyş. 19:16. Üçünji gün irden gök gübürdedi, ýyldyrym çakdy. Dagyň üstünde goýras bulut bardy. Şol wagtam güýçli surnaý sesi ýaňlandy. Düşelgede hemmeler gorkunjyna titräp başlady.*
*19:17. Musa halka Hudaý bilen duşuşmak üçin düşelgeden çykmalaryna öňbaşçylyk etdi. Olar dagyň eteginde durdylar.*
*19:18 Sinaý dagynyň çar tarapyny tüsse gaplady. Çünki Reb dagyň üstüne ýanyp duran oduň içinde inipdi. Dagdan ojagyň tüssesi ýaly tüsse çykýardy. Daglar ýerinden oýnap, ikiýana elenýärdi.*
*19:20 Reb Sinaý dagynyň üstüne indi. Ol Musanyň dagyň depesine dagyrdy. Musa daga çykdy.»*

Gurhanda Hezreti Musanyň Ysraýyl ogullaryna baş bolup, Müsürden çykansoň Gyzyl deňiziň içinden geçendigi, soňra Sinaý dagyna ýönelendigi aýdylýar. Hezreyi Musa kowmundan aýrylyp, taýýar bolan wagtynda Sinaý dagyna baryp ýetýär. «On emir» atly görkezme pygambere şol wagt Sinaý dagynda inýär. Sinaý dagy Gurhanda “Tur-y Sina” bolup geçýär. «Merýem» süresiniň 52-nji aýatynda: *«Oňa Turyň sag tarapyndan seslendik we ony (özi bilen) gizlinlikde sözleşmek üçin ýakynlaşdyk»* diýilýär. «Bakara» süresiniň 39-njy aýatynda bolsa: *«Hany, siz bilen*

*şertleşip Tury üstüñize galdyrmandykmy (we): «Size berenimize (kitaba) mäkäm ýapyşyñ we diñläñ» (diýmändikmi)»* diýilýär.

■ «ON EMIR» näme?

«On emir» Sinaý (Tur) dagynda Hudaý tarapyn Musa pygambere berilen we ýewreýleriñ kabul eden esasy ýörelgeleridir.
«On emir» Musa pygamber Sinaýdan düşende özi bilen bile iki daş bölegine ýazgyly 10 emiri alyp düşýär. Olar şular ýaly görnüşe bölünýär:

*1. Seni Müsürde gulçulykdan çykaran Hudaý mendirin!*
*2. Menden başga Hudaýyñ bolmaz. Boşlukda, ýeriñ üstünde ýa astynda, deñziñ çuñluklarynda bar bolan barlyklaryñ suratlaryny çekip, olara çokunma!*
*3. Hudaýyñ adyny boş ýere agzyña alma!*
*4. Şenbe gününi hemişe hatyrala, ony mukaddes saý! Hepdäniñ alty güni işläp, ýedinjisinde dynç alarsyñ. Şenbe güni dynç alyş günüdir. Şol gün özüñden, ogluñdan, gyzyñdan, çagalaryñdan, haýwanlaryñdan, gysgaça aýdanda hiç kim işlemesin!*
*5. Ene-atañy syla!*
*6. Hiç kimi öldürme!*
*7. Zyna etme!*
*8. Ogurlyk etme!*
*9. Ýalandan şaýat bolma!*
*10. Özgäniñ öýüne, mülküne, aýalyna, hyzmatkärine, öküzine, eşegine, mahlasy saña degişli däl zatlara gözüñi dikme!*

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar